**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2024 -nji ýylyň 17-nji dekabryndaky № 71-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№2-maýa goýum «Esasy serişdeleriň işe girizilişi we esasy serişdelere maýa goýumlar barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1. № 2 maýa goýum boýunça hasabatlylygyň formasyny düýpli maýa goýumlaryny amala aşyrýan (sargytçylar, gurujylar we maýadarlar) salgy böleginde görkezilen hususy eýeçilikdäki jemgyýetçilik birleşikleriň (edaralarynyň), kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligindäki, gatyşyk birleşdirilen eýeçilikdäki, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplarynyň eýeçiligindäki, Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligindäki kärhanalar (guramalar) düzýärler.

2. Iki we şondan köp welaýatlaryň çäginde gurluşyk işlerini amala aşyrýan gurujylar-kärhanalar (guramalar), şol sanda her bir welaýatyň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň çäginde gurluşyklar barada hasabatlary №2-maýa goýum (çärýeklik) formanyň aýratyn blankalarynda görkezýärler.

Birnäçe kärhanalar (guramalar) tarapyndan paý boýunça gatnaşmak tertibinde desganyň gurluşygy amala aşyrylanda şeýle desga boýunça maýa goýumlarynyň limitleri bellenen tertipde şol kärhanalaryň (guramalaryň) – titul saklaýja (baş guruja) berilýär, ol statistik hasabatda düýpli gurluşygyň meýilnamasyny we onuň umumy esaslarda desga boýunça ýerine ýetirilişini görkezýär.

Kärhanalar we guramalar (hususy eýeçilikdäki jemgyýetçilik birleşikleriň (edaralarynyň), kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligindäki, gatyşyk birleşdirilen eýeçilikdäki, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplarynyň eýeçiligindäki, Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligindäki kärhanalar) – özlerine berlen maýa goýumlaryny baş gurluja beren paý boýunça gatnaşyjylar eýeleri meýilnamanyň görkezijilerinde we №2-maýa goýum forma boýunça we beýleki degişli formalar boýunça bu maýa goýumlaryny görkezmeýärler.

Hasabatlar maýadarlar, sargytçylar (gurujylar) tarapyndan formanyň blankasynda görkezilen möhletinde öz ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna tabşyrylýar. Şunda her bir hasabat blankasynda: «şol sanda HSUK boýunça kody we HSUK boýunça şahamçanyň kody» diýlip ýazylýar (düýpli maýa goýum işiniň amala aşyrylýan getirilýär).

Birnäçe welaýatlaryň sebitlerinde ýerleşýän ulgamly gurluşyklar boýunça (nebitgeçirijiler, aragatnaşyk ýollary, demir hem-de gara ýollary we ş.m.) esasy serişdeleriň we her bir welaýat boýunça maýa göýumlarynyň ulanyşa girizilişi her welaýatyň sebitinde ýerleşýän şol gurluşygyň aýratyn bölekleri hem-de desgalary boýunça degişli möçberine esaslanmak bilen kesgitlenýär.

3. Formanyň boş sütünleri statistika edaralarynyň goşmaça talaplary esasynda doldurylýar.

## 1 Bölüm. Raýat-ýaşaýyş jaý maksatly desgalaryň gurluşygy

4. 1-nji bölümiň boş setirlerinde statistika edaralarynyň görkezmesi esasynda raýat-ýaşaýyş jaýlaryna niýetlenen desgalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

Işe girizilen raýat-ýaşaýyş jaýlaryna niýetlenen desgalar statistik hasabatlarda hakyky ulanyşa bellenen tertipde, kabul edilýän ölçegde görkezilýär.

5. Raýat-ýaşaýyş jaýlaryna niýetlenen desgalaryň gurluşygy barada maglumatlar jemlenip ähli maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna 1-nji bölümde görkezilýär: merkezleşdirilen maýa goýumy, hasabat tabşyrýan guramanyň öz serişdeleri we beýlekiler. Şunlukda 4-nji sütünde (3-nji sütünden) döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän desgalar bölünip aýrylýarlar.

## 2 Bölüm. Esasy serişdeleriň işe girizilişi we esasy serişdelere maýa goýumlaryň möçberi

6. 2-nji bölümiň 1-3-nji sütünlerinde täze herekete girizilen, şeýle-de indiki ýylda gurluşygy dowam edilýän desgalara we esasy serişdelere goýulan düýpli maýa goýumlary, esasy serişdeleriň işe girizilişi we gurluşyk-gurnama işleri görkezilýär.

7. 10-njy setirde tutuşlygyna önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk desgalar boýunça esasy serişdeleriň işe girizilşi, düýpli maýa goýumlary we gurluşyk-gurnama işleri, 11-nji setirde 10-njy setirden bölüp daşary ýurtlarda özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi boýunça maglumatlar görkezilýär, 12-nji setirde 10-njy setirden bölüp daşary ýurtly potratçylar tarapyndan özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi görkezilýär, 12,1-nji setirde 10-njy setirden bölüp döwlete dahylsyz eýeçilikdäki türkmen potratçylary tarapyndan özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi görkezilýär, 12,2-nji setirde bolsa 10-njy setirden bölüp döwlet potratçylary tarapyndan özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi görkezilýär.

Indiki setirlerden bu maglumatlar pudaklar, desgalar we maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça bölünýärler. Hasabatda düýpli maýa goýumlarynyň ulanylşy baradaky maglumatlar gurluşyk guramalarynyň potratçylyk ýa-da hojalyk usulyndadygyna garamazdan görkezilýär.

8. 10-njy setirden 13-nji setirde maşynlaryň we enjamlaryň, gurallaryň we esbaplaryň ähli görnüşleri boýunça maglumatlary bölünip aýratynlykda görkezilýär. Bu setirde Türkmenistanyň we daşary ýurtlardan getirilen, gurluşygyň çenlik sanawyna girýän we girmeýän, gurnama talap edýän we etmeýän, şeýle hem ülňüleşdirilmedik enjamlar görkezilýär.

9. 20-nji setirde önümçilik maksatly desgalar boýunça, ýagny olaryň gurluşygy tamamlanandan soň maddy önümçilik gurşawynda ulanyljak desgalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

Tutuşlygyna (20-nji setir) önümçilik maksatly desgalar boýunça we her bir önümçilik pudagy boýunça (40 belgili boş setirler) №2-maýa goýum (ýyllyk) formanyň 1 we 4 bölümlerinde getirilen bu görkezijileriň usulyýetleriniň birmeňzeşdigine üns berilýär. Ýagny gurluşyga önümçiligi we kärhanalary gurmaga, giňeldilmegine, durkuny täzelenmegine we tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagyna gönükdirilen maýa goýumlaryny olaryň hyzmat edýän esasy önümçilik işleriniň pudaklaryna goşulýar.

10. 10-njy setirden merkezleşdirilen býujet serişdeleriniň (21-nji setir); ýerli býujetiň (22-nji setir); öz maliýe serişdeleriniň (23-nji setir); karz alnan serişdeleriň (26-njy setir); gaýry serişdeleriň (28-nji setir); döwlet gaznalarynyň (31-nji setir); daşary ýurt düýpli maýa goýumlarynyň (38-nji setir) hasabyna düýpli maýa goýumlar barada maglumatlar aýratylykda görkezilýär.

11. 21-38-nji setirler boýunça (10-njy setirden) düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň aýratyn çeşmeleri boýunça paýlanýarlar. Bu maglumatlar gurluşygyň şertnamasyna, hasaplamalaryna, düýpli gurluşygyň maliýeleşdirilşine, meýilnamasyna, şeýle hem seljeriş hasabynyň maglumatlaryna laýyklykda doldurylýar.

12. 21, 22-nji setirlerde merkezleşdirilen we ýerli býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlary hakynda maglumatlar görkezilýär.

13. 23-nji setirde kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlary barada maglumatlar görkezilýär: peýdalar (eger-de peýdanyň hasabyna döredilen ýagdaýynda ýörüteleşdirilen maksatly gaznalary goşmak bilen), esasy serişdeleri doly dikeltmek üçin esasy serişdeleri dikeltmeklige goýberilen pul, heläkçilik ýagdaýyndaky bolan ýitgileri, tebigy betbagtçylyklary we beýlekileri gaýtadan doly dikeltmäge ätiýaçlandyryş edaralary tarapyndan tölenen serişdeler.

23-nji setirden peýdanyň (24-nji setir), amortizasiýa goýberilen pullaryň (25-nji setir) we beýleki serişdeleriň hasabyna (25.1-nji setir) edilen harajatlar baradaky maglumatlar aýratynlykda görkezilýär.

Eger goýum goýlup, ýöne hasabat düzülýän pursatyna çenli tölenmedik bolsa, onda şonuň möçberi hem degişli setir boýunça forma goşulýar.

14. 26-njy seritde banklaryň, maýa goýum gaznalarynyň, ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň, pensiýa gaznalarynyň we beýleki guramalaryň karzlary, daşary ýurt karzlary, obligasiýa goýumlary, wekseller girýän karz alnan serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlarynyň möçberleri görkezilýär.

Yzyna gaýtarylan esasda merkezleşdirilen býujet serişdeleri 26-njy setire goşulmaýarlar.

15. 28-nji setirde serişdeleri daşyndan çekmegiň hasabyna alnan düýpli maýa goýumlary görkezilýär. Daşyndan alnan serişdelere kärhanalaryň we guramalaryň paýnamalary satmakdan alan serişdeleri, haýyr - sahawat we beýleki berimler, ýokarda durýan holding we aksioner kompaniýalarynyň bölüp berýän serişdeleri, senagat-maliýe toparlary we beýleki guramalar tarapyndan yzyna gaýtarmazlyk esasyndaky berilýän pullar we beýlekiler girýärler.

16. 31-nji setirde döwlet gaznalarynyň hasabyna maliýelaşdirilýän, döwletiň býujetden daşary maýa gaznalarynyň serişdelerine girýän maýa goýumlary görkezilýär.

17. 38-nji setirde daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlary, bilelikdäki kärhanalaryň esaslyk maýasyna goýumlaryň pul görnüşinde berleni, şeýle hem halkara guramalaryň, döwletleriň, kompaniýalaryň we beýlekileriň göni goýumlary görkezilýär. Daşary ýurt firmalary tarapyndan bölekleýin maliýeleşdirýän maýa goýumlary boýunça maglumatlar tutuş gurluşykda ähli görkezijiler boýunça berilýär. Şeýlelikde daşary ýurt firmalarynyň paýy 38-nji setirde görkezilýär.

18. 20-nji setirden 40 belgili boş setirlere her bir önümçilik pudagy boýunça HHPUK laýyklykda maglumatlar aýratynlykda görkezilýär. Görkezilen maglumatlar çärýeklik döwür bilen görkezilýär. A sütüne pudaklaryň atlary, B sütüne önümçilik pudagynyň HHPUK boýunça kody 1-3 sütünlerde bolsa degişlilikdäki maglumatlar ýazylýar.

Eger maýa goýumçy diňe bir önümçilik pudagy boýunça maýalaşdyrmagy amala aşyrýan bolsa, onda olar baradaky maglumatlar hökman 20-nji setiriň maglumatlaryna deň gelmeli. Iki we ondan köp pudaklar boýunça maýalaşdyrma amala aşyrylýan bolsa 40 belgili boş setirlerden olaryň her haýsysy boýunça maglumatlar görkezilýär. Bu pudaklar boýunça görkezilen maglumatlaryň jemi hökman 20-nji setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

19. 41 belgili boş setirlerde 10-njy setirdäki önümçilik däl pudaklar boýunça maglumatlar aýratynlykda görkezilýär.

20. Eger kärhana salgydyň şu görnüşinden boşadylmadyk bolsa, 2-nji bölümiň 1-3 sütününiň 10-njy setirinden goşulan baha üçin salgyt 42-nji setirde aýratynlykda görkezilýär.

21. 43-nji setirde jemagat gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär, ol binalary we jemagat hojalygynyň desgalaryny (suw geçiriji ulgamlary, lagym, arassalaýjy stansiýalar, kir ýuwulýan, umumy peýdalanyşdaky howdanlar we beýlekiler) şäher içi ulag we ýol ulgamynyň desgalaryny, (ýerasty demir ýol, awtobus ulagy, ýol, köpri, kenar ýakasy, ýol geçiriji we beýlekiler) jemagat energetiki desgalarynyň we kärhanalarynyň (ýyladyş, elektrik gaz ulgamy we gurma, kotelniý we beýlekiler), abadanlaşdyryş desgalarynyň (seýilgähler, daşarky yşyklandyryş ulgamy we beýlekileriň) gurluşygynyň durkuny täzelemegi, binany giňeltmegi we düýpli abatlaýyş işlerini öz içine alýar.

22. 44-nji setirde ykdysady işleriniň görnüşleri boýunça jemleýji maglumatlar görkezilýär. 44-nji setiriň ähli sütünündäki maglumatlar 10-njy setiriň sütünleri bilen deň gelmeli. Hojalyk subýektiniň (fiziki we ýuridiki şahs) ykdysady işleriniň görnüşi ÝIGDK-de klassifikasiýanyň obýekti bolup durýar. Ýuridiki tarap hukuk derejesi bolan kärhana (gurama) pudagyň klassifikasiýa birligi bolup durýar. Kärhanalaryň (guramalaryň) ýuridiki tarap hasaplanylmaýan düzüm bölümçeleri boýunça harajatlar tutuş kärhananyňky ýaly şol esasy önümçilik pudagynda görkezilýär.

“Gurluşyk” 41 klas täze gurluşygy we abatlaýyş işlerini öz içine alýar. Gurluşyk işleri işleriň geçirilişiniň usulyna garamazdan, toparlara bölünýär. Iş öz hasabyna, sylag ýa-da şertnama esasynda (hojalyk ýa-da potratçylyk usullary bilen) amala aşyrylyp bilner. Kärhanalaryň (desgalaryň) gurluşygy boýunça maglumatlar bu bölümde Türkmenistanyň ykdysady işleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ykdysady işleriň görnüşleri boýunça bölünýär.

23. **Ykdysady işleriň görnüşi** bu maddy resurslaryň, enjamlaryň, zähmetiň, tehnologiýanyň utgaşmasy bolup, ol önümleriň (harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň) birmeňzeş görnüşleriniň alynmagyna getirýän prosesdir.

Işiň bir görnüşi bir ýönekeý prosesden, meselem gurluşykdan ybarat bolup biler, ýöne her biri aýratyn klassifikasion topara girýän kiçi prosesleriň birnäçesini öz içine alyp biler. Meselem, gurluşyk bu toplumlaýyn prosesiň täze desgalaryň gurluşygy, giňeldiş işleri, durkuny täzelemek, gaýtadan enjamlaşdyrmak, dikeldiş işlerini ýerine ýetirmek ýaly işleriň görnüşlerini öz içine alýandygyna garamazdan, işiň bir görnüşi hasaplanylýar.

**Işiň esasy görkezijisi** statistik birligiň işiniň esasy görnüşini kesgitlemek üçin ölçeg hökmünde kabul edilen görkezijä has uly goşant goşýan görnüşi, ýagny bu görkezijiniň möçberi statistik birligiň işiniň islendik beýleki görnüşi boýunça onuň möçberinden köp bolýan işiň görnüşi.

**Işiň goşmaça görnüşi:** üçünji tarap üçin önüm öndürilmegine gönükdirilen, ýöne esasy hasaplanylmaýan işiň görnüşi.

**Işiň kömekçi görnüşi:** aralyk häsiýetdäki harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegini üpjün etmek bilen statistiki birligiň esasy we goşmaça görnüşlerine ýardam berilmegine gönükdirilen işiň görnüşi.

24. 44 belgili setirde ähli maglumatlar ykdysady işleriň görnüşleri boýunça görkezilýär.

Maýa goýumlary degişlilik boýunça setirlerde görkezilýär:

25. 44.1-nji setirde nebit we gaz agzyp çykarylyşy bilen baglanyşykly sylag ýa-da şertnama esasynda berilýän hyzmatlar boýunça: şol sanda burawlamaga, gaýtadan burawlamaga, yzyna gaýtaryjy-öňe tarap güýçlendiriji burawlamak, buraw diňleriniň gurluşygy, ony abatlaýyş we

gurnama işleri, nebit we gaz guýularynyň oturdylan turbalaryny sementlemek boýunça,guýulary nasoslamak, guýulary ýapmak we ş.m. işlere gönükdirilen;

26. 44.2-nji setirde barlag buraw we burawlamak işleri görkezilýär, ol barlag buraw we burawlamak işlerini, şeýle hem gurluşyk, geofizika, geologiýa barlag we şeýle maksatlar üçin buraw guýularyndan synaglaryň saýlanyp alynmagyny öz içine alýar;

27. 44.3-nji setirde jaýlaryň umumy gurluşygyna, ýagny ähli görnüşli jaýlaryň gurluşygyna, durkuny täzelemek, dikeldiş, täzelemek we abatlaýyş boýunça işlere gönükdirilen;

28. 44.4-nji setirde raýat inženerlik desgalarynyň gurluşygy görkezilýär. Bu kiçi klas öz içine alýar: raýat inženerlik desgalarynyň: köprüleriň gurluşygy, uly ýollarda iki gat köprüleri (bir ýoluň ýokarsyndan ikinji ýol geçer ýaly edilip gurulýan köpri), geçelgeleri, tonnelleri we ýerasty geçelgeleri goşmak bilen; magistral geçiriji turbalary, magistral aragatnaşyk we elektrik geçiriji ýollary; goşmaça şäher enjamlaryny, şol sanda lagym ulgamlaryny; eger esasy material beton bolsa, meýdanlarda özüniň öndürmedik ýa-da özüniň öndüren taýýar elementlerinden desgalary gurnamak işleri.

29. 44.5-nji setirde ýollaryň gurluşygyna, ýagny awtostradalaryň, köçeleriň, awtomobil ýollarynyň we pyýadalar üçin ýollaryň gurluşygyna; demir ýollaryň, uçuş-gonuş zolaklarynyň gurluşygyna; binalary goşmazdan, desgalaryň gurluşygyna; stadionlaryň, ýüzmek üçin howdanlaryň, gimnastika zallarynyň, tennis kortlarynyň, golf oýnalýan meýdanlaryň we beýleki sport desgalarynyň gurluşygyna; ýollaryň we awtoulaglaryň duralgalarynyň düşegini markalamaga; awtoulag we demir ýollaryň. aerodromlaryň we sport desgalarynyň abatlaýyş işlerine we olary saklamaga gönükdirilen;

30. 44.6-nji setirde suw desgalarynyň gurluşygyna, hususan: suw ýollarynyň, port we derýa desgalarynyň, şlýuzlaryň we ş.m. gurluşygyna; gatlalaryň we bentleriň gurluşygyna; kenar berkitmesiniň gurluşygyna, kenarlaryň ýapgytlarynyň berkidilmegine; düýbüni arassalaýyş işlerine; suwasty işlere gönükdirilen;

31. 44.7-nji setirde gaýry gurluşyk işlerine. Bu topar binalaryň we desgalaryň dürli görnüşleri üçin umumy bolan we ýörite kwalifikasiýany we enjamlary, hususan gurluşyk agaçlarynyň, kärendesine alnanlary hem goşmak bilen, gurnama işlerini; direg işlerini – suw guýularynyň gurluşygyny, şahtanyň düýbüni gazyş işlerini goşmak bilen, fundamentleriň gurluşygy boýunça işleri; ýörite kwalifikasiýany we enjamlary, armaturanyň egreldilmegini we kebşirleýiş işlerini talap edýän armatura işleriniň önümçiligini – galyplamak işleriniň önümçiligini – galyba beton garyndysynyň guýulmagyny we gaýry beton işleriniň önümçiligini (fundamentleri, diregleri, örtgüleri gurmak, beton taýýarlamak we ş.m.), beton garyndylarynyň demrikdirilmegini goşmak bilen; kebşirleýiş işlerini goşmak bilen, binalaryň we desgalaryň gurluşygynda hususy däl taýýarlanan metaldan gurluşyk gurnamalarynyň gurnama işleri; kerpiç işleriniň önümçiligi – daşdan bloklary örmek boýunça işleriň önümçiligi gaýry kerpiç örmek işleriniň önümçiligi, ýollara daş düşemekligi goşmak bilen; tüsse turbalarynyň gurluşygy – senagat peçleriniň gurluşygy – ýörite kwalifikasiýany talap edýän beýleki toparlara goşulmadyk gaýry gurluşyk işleriniň önümçiligini, meselem, kaminleriň gurluşygyny, jaýlaryň göçürilmegini, jaýlaryň guradylmagyny talap edýän bir ugra ýöriteleşdirilen gurluşyk işlerini öz içine alýar.

32. Bu bölümiň boş setrilerinde şeýle işler eger bar bolsa, Türkmenistanyň ykdysady işleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda bölümde görkezilmedik ykdysady işleriň beýleki görnüşleri boýunça maglumatlar berilýär. Şeýle hem bu bölümde tutuş kärhanadaky (guramadaky) ýaly ykdysady işleriň esasy görnüşi boýunça enjamlary, gurallary we abzallary almaga gönükdirilen maýa goýumlary boýunça maglumatlar görkezilýär.

33. 39-njy setirde edara kärhanalarda häzirki we düýpli umumy abatlaýyş işleri görkezilýär. Abatlýyş işleri boýunça sarp edilen çykdaýjylaryň möçberi maýa goýumlaryň umumy mňçberine girmeýär (10 setir);

34. 45-nji setirinde 10-njy setirinden taslama-barlag işleriniň çykdaýjylary görkezilýär.

Taslama gözleg işleri – bu inžener gözleg işlerini geçirmek boýunça işleriň toplumy, gurluşygyň tehniki-ykdysady esaslanmasynyň işlenip taýýarlanmagy, taslama işleriniň taýýarlanmagy, iş maglumatlary, binalaryň we desgalaryň gurluşygyny amala aşyrmak üçin çenlik resminamalarynyň düzülmegi (täze gurluşyk, giňeltmek, düýpli abatlaýyş işleri geçirmek, tehniki taýdan abzallaşdyrmak). Gazuw agtaryş işleri gurluşyk meýdançasyny tehniki we ykdysady taýdan toplumlaýyn öwrenmek.

Harajatlar göni harajatlara we goşmaça çykdaýjylara bölünýändir. Göni harajatlar diýip taslama-gözleg işleri öndürilişi bilen bagly bolan çykdaýjylara laýyklykda, özüne düşýän gymmatyny göni we gös-göni goşmaklygyny aňladýar. Goşmaça çykdaýjylara bolsa, harajatlar taslama-gözleg işleriniň öndürilişiniň dolandyrmasy bilen bagly bolan kärhananyň kabul edilen gymmatynyň desganyň hasaplama usulyny aňladýar.

35. 46-46.1-nji setirler boýunça beýleki gaýry maliýa degişli bolmadyk aktiwleriň harajatlary görkezilýär. Düýpli maýa goýumlarynyň beýleki gaýry maliýä degişli bolmadyk aktiwlerine maddy dolanyşyk serişdeleriniň gorlarynyň artmagy (önümçilik gorlary, gutarylmadyk önüm, taýýar önümi satyn almak, harydy satyn alyp satmak üçin) üçin çykdajylar hem-de gymmatlyklar degişlidir.

36. 47-nji setir boýunça maddy aktiwlere degişli bolmadyk maýa goýumlary – patentler, ygtyýarnamalar (lisenziýalar), ýerleri ulanmaga hukuklar, tebigatdan peýdalanmaga desgalar, awtorlyk hukugy, guramaçylyk çykdajylary, söwda belgisi, haryt belgili, meýilnama önümleri, täze (nou-hau) tehnika we beýlekiler.

Maddy aktiwine degişli bolmadyklary hasaba almakdan soň tölenen ýa-da tölenmäge alnan satyjynyň hasapnamasy boýunça maglumatlar şular esasynda doldurylýar.

37. 48-nji setirde ylmy-derňew, tejribe-konstruktorlyk, tehnologik işleriniň harajatlary görkezilýär. 01 sütinde ýylyň başyndan hasabat aýyny hasaba goşmak bilen esasy serişdeleriň işe girizilişi görkezilýär we 02 sütünde ýylyň başyndan hasabat aýyny goşmak bilen düýpli maýa goýumlary görkezilýär. 03-nji sütün gorkezilmeýär.

## 3 Bölüm. Maliýe goýumlary

38. Beýleki edara görnüşli taraplaryň gymmat bahaly kagyzlaryna, döwlet we ýerli karz göterimli obligasiýalara, ýurduň çäginde ýa-da onuň daşynda döredilen beýleki edara görnüşli taraplaryň esaslyk maýalaryna pul serişdelerini, maddy we beýleki gymmatlyklary goýmak, şeýle hem girdeji almak maksada gönükdirilen beýleki edara görnüşli taraplara berlen karzlar maliýe goýumlarydyr.

39. 01-nji setirinde uzak möhletleýin maliýe goýumlary görkezilýär (buhgalteriýa hasabatynyň 141541-141549 goşylan hasapnamasynyň “Uzak möhletleýin maliýe goýumlary”) başga guramalaryň gymmatly kagyzlarynyň, ýerli we döwlet obligasiýalaryň, başga kärhananyň goýum düzgunnamasynyň, ýurduň çäginde ýa-da daşary ýurtda ýerleşýän maýa goýumlarynyň (goýmalar) hereket bolanlygy barada maglumatlar üçin niýetlenen.

Bir ýyldan gowrak girdeji almak niýeti bilen goýulan maýa goýumlary uzak möhletleýin maýa goýumlary diýip hasap edilýär. Şeýle hem gymmatly kagyz goýumlary üzme möhleti (yzyna

satyn alma) görkezilmedik (mysal üçin paýnamalar), ýöne welin bir ýyldan gowrak girdeji almak niýeti bolan uzak möhletleýin maýa goýumlarynyň düzümine girýär.

40. 02-nji setirde 02 setirinde golçur kärhanalaryna edilen uzak möhletleýin maliýe goýumlary görkezilýär.

41. 03-nji setirinde 02 setirini goşmazdan beýleki guramalara edilen uzak möhletleýin maliýe goýumlary görkezilýär.

42. 04-nji setirinde ýokarda görkezilmedik gaýry uzak möhletleýin maliýe goýumlary görkezilýär.

02, 03, we 04 setirleriň jemi 01 setirine deň bolmaly.

43. 05-nji setirinde möhleti bir ýyla golaý gysga möhletleýin maliýe goýumlary görkezilýär (141141-141148, 141241-141248 goşulan hasapnamada "Gysga möhletleýin maýa goýumlary"). 05-nji setir boýunça görünýän görkezijiler, 06, 07, 08 setirleriň jemine deň bolmaly.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manatda görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**